Ýaşulula sylag-hormat etmek.

Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

Ynsanlar bilen gatnaşykda edep-ahlak örän möhüm we täsirli zat bolanlygy üçin, gözel ahlak käbir ýurtlaryň Yslamy kabul etmegine sebäp bolandyr. Indaneziýa, Malaýziýa, Filippin ýaly ýurtlaryň, halklarynyň musulman bolmagyna sebäp bolan esasy zat dagwatçylar, fethler dälde. Ol ýerlere söwda üçin giden musulman täjirleriň ahlagy, dogruçyllygydyr.

Dinimiz Yslam musulmanlara edeblerinde, ahlaklarynda we ynsanlar bilen gatnaşyklarynda iň gözel görnüşde bolmagy berk ündeýär.

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

أَكْمَلُ الْمُؤْمِنِينَ إِيمَانًا ، أَحْسَنُهُمْ خُلُقًا

"**Iman edenleriň, imanlarynyň iň kämili, ahlagy iň gowy bolanydyr."** (رواه الترمذي Tirmizi)

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

إِنَّمَا بُعِثْتُ لِأُتَمِّمَ مَكَارِمَ الْأَخْلَاقِ

"**Men gowy ahlagy tamamlamak üçin ugradyldym."**

(رواه البيهقي والبزار Beýhaki, Bezzar)

Yslamyň öwreden gymmatly ahlaklarynyň biri hem özüňden ululara we hususanam ýaşululara sylag-hormat etmek, olaryň gadyr-gymmatyny bilmek, olaryň haklaryny berjäý etmekdir. Ululara sylag-hormat edip, olaryň gadyr-gymmatyny bilmek barada köp hadyslar habar berilendir.

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

لَيْسَ مِنَّا مَنْ لَمْ يَرْحَمْ صَغِيرَنَا، وَيُوَقِّرْ كَبِيرَنَا

"**Kiçilerimize rehim etmeýän we ulularymyza sylag-hormat etmeýän bizden däldir."** (رواه الترمذي Tirmizi)

Bu hadysda Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) ululara sylag-hormatsyzlyk edýän we bu meselede sowuk-salalyk edýän kişilere berk duýduryş berip: **Bizden däldir** diýip, ägä edendir. **Bizden däldir,** diýmegi: Pygamberimiziň ýolunda däldir, diýmekdir.

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

إِنَّ مِنْ إِجْلَالِ اللَّهِ إِكْرَامَ ذِي الشَّيْبَةِ الْمُسْلِمِ ، وَحَامِلِ الْقُرْآنِ غَيْرِ الْغَالِي فِيهِ وَالْجَافِي عَنْهُ ، وَإِكْرَامَ ذِي السُّلْطَانِ الْمُقْسِطِ

"**Saçy agaran musulmana, Kuran (hafyzyna) we adyl hökümdara sylag-hormat etmek, Allaha sylag-tagzym etmekdendir."**

(رواه أبو داود Ebu Dawud)

Buhari we Muslimde gelen hadysda, haçanda Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna birnäçe sahaba gelip, içlerinde iň kiçisi gürlemäge başlanda, Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oňa: **"كَبِّرْ كَبِّرْ** manysy: **Uly gürlesin**" diýýär.

Ibn Omar (radiAllahu anhu) aýtdy: Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) dişini miswaklap oturanyny gördüm. Soňra (oturanlaryň) iň ýaşulusyna miswak berdi we Pygamberimiz:

إِنَّ جِبْرِيلَ صَلَّى اللَّهُ عَلَيْهِ وَسَلَّمَ أَمَرَنِي أَنْ أُكَبِّرَ

"**Jibril maňa ululardan başlamagy (ýagny ilki bilen ululara hödür-kerem etmegi) buýurdy"** diýýär. (واه أحمد)

Hödür-kerem edilende ýaşululardan başlamalydyr. Söze başlanjak bolanda, sözi ilki bilen ýaşululara bermelidir. Olara ýüzlenemizde sylag aňladýan sözler bilen ýüzlenmelidir. Hemişe ýaşululara sylag-hormat, hyzmat etmelidir.

Olaryň öňündäki borçlarymyzy berjäý etmekde, gowşaklyk görkezmeli däldir. Olary ynjytjak, edepsiz söz we hereketlerden gaça durmalydyr.

Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:

مَا أَكْرَمَ شَابٌّ شَيْخًا لِسِنِّهِ إِلَّا قَيَّضَ اللَّهُ لَهُ مَنْ يُكْرِمُهُ عِنْدَ سِنِّهِ

"**Ýaş kiçi ýaşula, ýaşululygy üçin sylag-hormat etse, Allah hem oňa ýaşy uly bolanda sylag-hormat etjegi nesip eder."** (Tirmiziالترمذي رواه)

Ýahýa bin Said diýdi:

عَنْ يَحْيَى بْنِ سَعِيدٍ ، قَالَ : " بَلَغَنَا أَنَّهُ مَنْ أَهَانَ ذَا شَيْبَةٍ لَمْ يَمُتْ حَتَّى يَبْعَثَ اللَّهُ عَلَيْهِ مَنْ يُهِينُ شَيْبَهُ إِذَا شَابَ.

"**Maňa habar berilişine görä: Kim ýaşula sylag-hormatsyzlyk etse, ony ynjytsa, Allah Tagala oňa şol edenini, özüne eden birini ugratmazdan ol kişi ölmez."**

Bu günki ýaşlar ertirki ýaşululardyr. Özüňden ululara sylag-hormat etseň, ýaş kiçilerden şonçalyk sylag-hormat görersiň. Musulman kişiniň ýaşlygy gidende, saçy-sakgaly agaranda, bili bükülende we ahyrýede ýakynlaşanda, has hem bu dünýäň panylygyna, örän çalt geçýändigine gowy göz ýetitýär. We tagat-ybadaty, zikri köpelýär.

Ibn Ebud Dünýä habar berýär:

رَوَى ابْنُ أَبِي الدُّنْيَا عَنِ الأَصْمَعِيِّ قَالَ: دَخَلَ سُلَيْمَانُ بْنُ عَبْدِ الْمَلِكِ الْمَسْجِدَ فَرَأَى شَيْخاً كَبِيراً فَدَعَا بِهِ، قَالَ: يَا شَيْخُ أَتُحِبُّ الْمَوْتَ؟ قَالَ: لَا، قَالَ: بِمَ؟ قَالَ: ذَهَبَ الشَّبَابُ وَشَرُّهُ، وَجَاءَ الْكِبَرُ وَخَيْرُهُ، فَإِذَا قُمْتُ قُلْتُ: بِسْمِ اللهِ، وَإِذَا قَعَدْتُ قُلْتُ: الْحَمْدُ لِلَّهِ، فَأَنَا أُحِبُّ أَنْ يَبْقَى لِي هَذَا.

Bir gün Süleýman bin Abdilmelik mesjide girýär we bir ýaşuluny görýär.

Soňra ýaşula seslenip: Ýaşuly ölümi gowy görýärmiň? diýýär.

Ýaşuly: Ýok.

Süleýman bin Abdilmelik: Näme üçin?
Ýaşuly: Ýaşlyk we ýaşlygyň şeri gitdi. Ýaşululyk we ýaşululygyň haýry geldi. Tursam Bismillä diýýärin. Otursam Alhamdulillah diýýärin. Men bu ýagdaýyň dowam etmegini isleýärin, diýýär.
Bir çarwa arap Pygamberimiziň (sallallahu aleýhi we sellem) ýanyna gelip: Ynsanlaryň haýyrlysy kim? diýip, soraýar.
Pygamberimiz (sallallahu aleýhi we sellem) Oňa:
خَيْرُ النَّاسِ مَنْ طَالَ عُمْرُهُ وَحَسُنَ عَمَلُهُ
"**Ömrü uzyn we amaly salyh, gowy bolan kişidir"**diýip, jogap berýär. (Tirmiziرواه الترمذي)
Pygamberimiz Muhammet (sallallahu aleýhi we sellem) aýtdy:
الْبَرَكَةُ مَعَ أَكَابِرِكُمْ
"**Bereket ulularyňyz bilendir."** (Ibn Hibba**ابن حبان**)
Allaha hamd, Pygamberimiz Muhammede salawat we salam bolsun.

www.ahlusunnet.com